# Täze Gün dogdy / goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Täze Gün dogdy / goşgular ■ Täze Gün dogdy

Gün dogdy, ýene-de täze Gün dogdy,
Zerewşan şapagny äleme çaýyp.
Horazlaň sesine äwmedik tümlük
Daňyň sazlaşygna bolupdyr gaýyp.

Tylla Günüm şöhle saçar entekler,
Toýa gelen çaga ýaly ýylgyryp.
Ýetmiş ýaşdan geçen zenan, erkekler
Otagynda oturmazlar ýygrylyp.

Olaň-da barysy çykar meýdana
Bu ýerleriň gözelligni görmäge.
Hyýal ýortar çar tarapa, her ýana,
Karar tapmaz munda rahat durmaga.

Ýigit barýar Gün nuruny gujaklap,
Elinde dutary, ýürekde ýary.
Seret, bu gün durşy bilen ajaplyk,
Ýaň salýar äleme rowaçlyk sazy.

Günden ýere inýän tylla tarlary
Şabram urup çalar ähli adamlar.
Olar bagra basyp barça barlygy,
Bagtly ertelere ädim äderler.

* * *

Taşlap sargytlaryn öýde aýalyň,
Çykaýyn daglara, edeýin öwrüm.
Gör-le, uçsam diýýän däli hyýalyň
Yzyndan galmadyk pukara göwnüm.

Ýaz ýazlaýar gujak ýetmez bu golda,

Ter ýaşyl donuny geýipdir meýdan.
Bir ýerlerden çykan ykmanda ýel-de
Özüne ýer tapman, ygyp ýör öýdýän.

Jylawyn çeýneýär ýanymda atym,
Öwüripdir gaýratyny sillere.
Uçsam diýýär ýaýyp-ýaýyp ganatyn,
Ýetsem diýýär barylmadyk illere.

Çykasy gelýär daglaň gerşine,
Ýetse daglaň doňup galan gatyna,
Toýnaklary sarsdyr dagy durşuna,
Meňzär mifden çykan Düldül atyna.

Mündüm ata, bedew kişňedi birden,
Goşulyp hyýalyň çakylygyna,
Dörsem düýpsüz asmanymyň garnyny,
Göz ýetirsem Arşyň bakylygyna.

* * *

Çyn ýigidiň ykbaly
Abraý bolar, şan bolar.
Hemem ýaşalan günler
Birin-birin sanalar.

Şeýleräkdir takdyry
Ömrün ile bereniň.
Çyn ýigit Watanynda
Adalatly han bolar.

Goýmaz, gününe goýmaz
Pikirler Watan hakda.
Il bagtyna guwanar
Her mahal, her pursatda.

Joşar, gaýnar, nurlanar,
Arşdan iner ýagtylyk.
Bulaň bary çeşme deý

Aýdym aýdar gursakda.

Gadym dünýä aýlap otyr,
Aýlap otyr çarhyny.
Adam biler gowularyň
Hem erbediň parhyny.

Il diýeniň adalatly
Aladaçyl emindir.
Her bir işe, her kişä
Özi keser nyrhyny.

Oýlanýan, eý, takdyrym,
Ýol görkezen sen dälmi?!
Sürdük uly meýdanda
Hiç ýazdyrman kündäni.

Ýol geçdim abraý bilen
Ýene entek ýol uzak.
Uzak ýolda özüň golda
Mysapyrja bendäňi.

Mensiz bagtly bolardyňmy?
Däneler köp, samany bar,
Ýagşylar köp, ýamany bar.
Mensiz bagtly bolardyňmy?
Boljagyňa gümanym bar.

Sen ertire äňetjekmi
Ýa halymy teň etjekmi?
Bir zatlar diý, dillen, läläm,
Ýa-da sen şeýle hötjetmi?

Galdyr başyň, bakma aşak,
Galypdyr-a kalbym boşap.
Balary deý ýüz müň gülden
Getiripdim asal ýasap.

Doldur boşan dükanymy,

Doldur sensiz mekanymy.
Her säher aýdyp bereýin
Yşk hakdaky mukamymy.

…Däneler köp, samany bar,
Ýagşylar köp, ýamany bar.
Mensiz bagtly bolardyňmy?
Boljagyňa gumanym bar.

Jumadurdy SEÝITMYRADOW. Goşgular